**2022-nji ýylyň 16-njy noýabrynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde ykjam aragatnaşyk serişdelerinden peýdalanmagyň tertibi hakynda DÜZGÜNNAMASY

## 1. Umumy düzgünler

1.1. Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde ykjam aragatnaşyk serişdelerinden peýdalanmagyň Düzgünnamasy (mundan beýläk - Düzgünnama) “Bilim hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna hem-de “Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakynda Düzgünnama”, “Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakynda” (rejelenen görnüşi) Türkmenistanyň Kanunyna, “Sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň” Konsepsiýasyna, Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň okuw işini kadalaşdyryjy namalaryna, buýruklaryna we gözükdirijilerine, şeýle hem mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda işlenip düzüldi we ol mugallymlaryň we talyplaryň okuw işinde ykjam telefonlardan (mobil telefonlardan), beýleki aragatnaşyk serişdelerinden peýdalanmagynyň tertibini düzgünleşdirýär.

1.2. Düzgünnama mekdebiň iş tertibini düzgünleşdirmek we gowulandyrmak, okuw işine gatnaşýan ähli subýektleriň (talyplaryň, mugallymlaryň, işgärleriň) raýat hukuklaryny goramak, şeýle hem olary ykjam aragatnaşyk serişdeleriniň radioýygylygy we elektromagnit şöhlelenmeleriniň zyýanly täsirlerinden goramak we düzgün-nyzamy ýokarlandyrmak maksady bilen işlenip düzüldi.

1.3. Düzgünnamada kesgitlenen talaplaryň berjaý edilmegi bilim almagyň hilini we netijeliligini ýokarlandyrmaga, okuw işinde amatly psihologiki şertleriň döredilmegine, mekdep giňişligini zorluk we rehimsizlik baradaky wagyz synanşyklaryndan goramaga ýardam eder.

1.4. Okuw işine gatnaşyjylaryň mekdebiň çäginde ykjam aragatnaşyk serişdelerinden peýdalanmaga hukugy bardyr.

1.5. Ykjam aragatnaşyk serişdeleri talyplaryň hususy eýeçiligi bolup durýar.

1.6. Mekdebiň her bir okuw otagynda bildiriş diwarlygynda ýa-da beýleki görnükli ýerde A4 formatda sahypa ykjam aragatnaşyk serişdelerinden peýdalanmagy gadagan edýän duýduryjy bellikler bolmaly.

## 2. Esasy düşünjeler

**Ykjam aragatnaşyk serişdesi** – el telefon, mobil (ykjam) telefon, noutbuk we ş.m. dürli görnüşli aragatnaşyk hyzmatyny amala aşyryp bilýän serişdeler.

**Ykjam telefon** – işjeň ulanylmagy makullanylmadyk häzirki zaman adamynyň keşbini düzýän aragatnaşygyň serişdesidir.

**Ulanyjy** – ykjam telefondan peýdalanýan okuw işiniň subýekti.

**Telefon arkaly zorlugy we rehimsizligi wagyz etmek** – töweregindäkilere degişli many-mazmundaky (kanunda gadagan edilen wideo ýa-da fototeswirleri) görkezmek hem-de ýaýratmak.

**Bilkastlaýyn mekdebiň abraýyna şek ýetirmek** – töweregindäkilere görkezmek maksady bilen mekdepde gurnalan zorluk, bidüzgünçilik sahnalaryny surata düşürmek.

## 3. Ykjam aragatnaşyk serişdelerini peýdalanmagyň şertleri

3.1. Ykjam aragatnaşyk serişdelerini peýdalanmak şu aşakdakylara mümkinçilik berýär:

- talybyň ýerleşýän ýerini, onuň özüni duýşuna gözegçilik etmäge;
- dürli görnüşli maglumatlary alyşmaga.

3.2. Mekdepde okuw işi alnyp barylýan wagty (okuw sapagynda, okuwdan daşary çärelerde) ykjam aragatnaşyk serişdelerinden peýdalanmak gadagandyr.

3.3. Mekdepde okuw işi alnyp barylýan wagtynda ykjam telefonyň eýesi ony öçürmeli ýa-da telefony wibrasiýa ses signalyna geçirmeli.

3.4. Mekdepde okuw işi alnyp barylýan wagtynda ykjam aragatnaşyk serişdesi **talyplaryň ýantorbasynda, ýörite örtükli gaplarda** bolmaly.

3.5. Talyplara ykjam aragatnaşyk serişdelerinden mekdebiň binasyndan daşarda diňe sapaklaryň arasyndaky arakesmelerde peýdalanmaga rugsat berilýär.

3.6. Ykjam telefonyň goraglylygyna jogapkärçilik onuň eýesiniň (ene-atalarynyň, kanuny hossarlarynyň) boýnuna ýüklenýär.

Emlägiň ogurlanmagy bilen bagly ähli ýagdaýlar kanun tarapyndan kesgitlenen tertipde seredilýär we Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda derňelýär.

3.7. Talyplar okuw sapagynda diňe mugallymyň rugsady bilen okuw maksatnamasynyň çäklerinde planşetleri ýa-da elektron kitaplary peýdalanyp bilerler.

3.8. Pedagogiki we beýleki işgärlere hem okuw sapagy wagtynda (aýratyn gyssagly halatlardan başga ýagdaýlarda) ykjam aragatnaşyk serişdesinden peýdalanmak gadagan edilýär. Olar sapakdan daşary wagtlarda özlerini talyplaryň ýanynda ykjam telefony ulanmakdan maksimal derejede çäklendirmäge borçludyrlar.

## 4. Talyplaryň (ulanyjylaryň) hukuklary

4.1. Sapakdan we okuw işiniň beýleki görnüşlerinden daşary ýagdaýlarda ulanyjy ykjam telefony mekdebiň binasyndan daşarda (mekdebiň teritoriýasynda) häzirki zaman aragatnaşyk serişdesi hökmünde ulanmak üçin aşakdaky hukuklara eýedirler:

- jaňy etmäge we kabul etmäge;
- SMS habaryny goýbermäge;
- maglumat alyşmaga;
- gulaklyk abzallarynyň (nauşnigiň) üsti bilen radio we saz diňlemäge;
- töweregindäkileriň razylygy bilen (internetda ýerleşdirmezlik şerti bilen) foto we wideo surata almaga.

## 5. Talyplaryň (ulanyjylaryň) borçlary

5.1. Ulanyjynyň okuw işi wagtynda ykjam aragatnaşyk serişdesinden peýdalanmagy raýadyň hukugy we erkinligi amala aşyrylanda beýleki şahslaryň hukuklaryny we erkinliklerini bozmaly däldigi baradaky konstitusion hukuklarynyň bozýandygyny ýatda saklamagy hökmanydyr. Çünki olaryň maglumat alyşmaga bolan hukugyny amala aşyrylmagy, beýleki talyplaryň bilim almaga bolan hukuklarynyň bozulmagyna getirýär.

5.2. Ulanyjy ykjam aragatnaşyk serişdesiniň üsti bilen raýatlaryň şahsy durmuşy hakynda maglumatlary onuň rugsady bolmazdan toplamaga, saklamaga, peýdalanmaga we ýaýratmaga hakynyň ýokdugyny ýatda saklamagy hökmanydyr.

5.3. Ulanyjy ykjam aragatnaşyk serişdeleriniň goraglylygyny üpjün etmek maksady bilen ony gözegçiliksiz galdyrmaga, şol sanda eşikleriniň jübisinde goýmazlyga borçludyr.

## 6. Okaýanlara (ulanyjylara) gadagan edilýär

6.1. Ykjam telefonyny okuw işi döwründe islendik tertipde peýdalanmak (şol sanda, kalkulýator, ýazgy kitapçasy, sagat görmek we ş.m.).

6.2. Ykjam telefonyny sapaklarda foto we wideo kamera hökmünde ulanmak, şonuň esasynda okuw işine gatnaşyjylaryň şahsy durmuşyna eldegrilmesizlik hukuklaryny bozmak.

6.3. Mekdebiň binasyndan daşarda wagty (mekdebiň teritoriýasynda) gulaklyk abzalsyz (nauşniksiz) radio we saz diňlemek.

6.4. Ynsan mertebesini kemsidýän fotosuratlary we suratlary, wideoýazgylary görkezmek, ykjam telefonyň üsti bilen zorlugy we rehimsizligi wagyz etmek, bilkastlaýyn mekdebiň abraýyna şek ýetirmek.

6.5. Talyplara ykjam telefonyny boýnundan asmak, ony eşiginiň jübüsinde saklamak, şeýle hem bilim edarasynyň okuw binalaryndaky elektrik ulgamynda telefonyna zarýad bermek üçin utgaşdyrmak berk gadagan edilýär.

## 7. Düzgünnamany bozulmagy üçin jogapkärçilik

7.1. Ulanyjy ykjam telefony peýdalanmakda şu Düzgünnamada bellenen şertleri ýerine ýetirmekden boýun gaçyran halatynda onuň topar ýolbaşçysy ene-atasyna mekdebiň şu Düzgünnamadaky kadalary bozandygy hakynda habarnama ýollaýar.

7.2. Direktoryň adyna resmileşdirilen habarnamalar esasynda ulanyjy birnäçe gezek bidüzgünçilige ýol berse, onda düşündiriş işi onuň ene-atalarynyň (kanuny hossarlarynyň) gatnaşmagynda geçirilýär.

7.3. Geçirilen işlere garamazdan talyp tarapyndan düzgün bozulmalar gaýtalansa degişli temmi çäreleri yglan edilýär we ykjam telefony kabulhanada saklamak üçin jogapkär işgäre tabşyrylýar. Ykjam telefon talybyň ene-atalaryna mekdebiň ýolbaşçylary bilen gürrüňdeşlik geçirilenden soňra yzyna gaýtarylyp berilýär. Ene-atalar (kanuny hossarlar) bilen ylalaşyk boýunça ykjam telefonyny çäklendirilen möhlete çenli götermekden mahrum etmek görnüşinde temmi berilýär.

7.4. Talyp tarapyndan yzygiderli düzgün bozmalar bolan halatynda meselä okuwa gatnaşyjylaryň arasyndaky gatnaşyklary, jedelleri çözmek boýunça döredilen garaşsyz topar seredýär, ol talyby düzgün-nyzam jogapkärçiligine, hatda tutuş okuw ýylynda ykjam telefondan peýdalanmagy gadagan etmäge çenli temmi bermek hakynda karar kabul edilýär.

7.5. Şu Düzgünnamanyň talaplaryny bozan mekdep işgärlerine hem degişlilikde düzgün-nyzam temmi çäresi berilýär.

## 8. Beýleki düzgünler

8.1. Ene-atalara (kanuny hossarlaryna) mekdepde okuw işi gidýän wagtynda çagalaryna (okaýanlara) jaň etmek maslahat berilmeýär. Adatdan daşary ýagdaýlarda mekdebiň kabulhanasyna 800322-6-45-58 telefona jaň etmek zerur.

8.2. Ykjam aragatnaşyk serişdeleri peýdalanylanda aşakdaky medeniýeti berjaý etmeli:

- belent sesde geplemeli däl;
- sazy belent diňlemeli däl;
- mugallymlary görmezlige saýyp telefonda gepleşip deňinden geçmeli däl;
- telefonda gepleşende gürleşmegiň kadalaryny berjaý etmeli.

8.3. Ýitirilen ykjam aragatnaşyk serişdesi üçin mekdep maddy jogapkärçilik çekýän däldir.